# Patyşahym, sen geçirgil gerçe guldandyr hata

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Patyşahym, sen geçirgil gerçe guldandyr hata



Patyşahym, sen geçirgil gerçe guldandyr hata,
Ýazygymny ýat edip, lutpuňy kylaý sen ata.
Bir nepesde älemi bar eýlediň emriň bile,

Barça eşýa tutdy mesgen gudratyňdan jabe-ja.

Adamy kyldyň jahanda, çünki ynsan ähli kim,
Emr kyldyň şol melaýyklar sujud etdi saňa.

Kimleri söýdüň jahanda, kimleri kyldyň heläk,
Kimleri kyldyň gany sen, kimleri hem binowa,

Gudratyňdan asman durmuş howada bisütin,
Ýer dagy gaýym durupdyr, kim sujud eýläp aňa?

Kimleri aşyk kylyp, äleme ryswa eýlediň,
Kimlere mülki-jahan berdiň, ki kyldyň patyşa.

Ger enaýet manzaryn salsaň gedaga, şah bolar,
Haşm ile kylsaň nazar, soltan bolar kemter geda.

Bu kemine Gaýybydyr, bir günäkäriň seniň,
Her niçe bolsa günäsi, sen ýarylykagyl, huda! Goşgular